# ERKEK kişi Jynsy gatnyaşyklar arkaly geçýän keseller (JGGK) barada näme bilmeli?



**MEN** meýilleşdirilmedik göwreliligiň öňüni almak isleýärin.

---

**AIW-iň/JGGK-nyň geçmeginiň we ýokuşmagynyň öňüni almak isleýärin.**
AIW/JGGK (adamyň immun ýetmezçiligi wirusy/ jynsy gatnaşyklar arkaly geçýän keseller.)

## S. JGGK näme?

**J.** Jynsy gatnaşyklar arkaly geçýän keseller (JGGK), jynsy gatnaşyk arkaly adam bedeni tarapyndan işlenilip çykarylýan döl, wlagalişşe suwuklyklary,gan ýaly suwuklyklaryň özara gatnaşygy arkaly, ýa-da kesel ýokuşan (infisirlenen) derä ýanaşmak arkaly bir adamdan başga bir adama geçip bilýän infeksiýalardyr.

## S. Jynsy gatnaşyklar arkaly geçýän keseller (JGGK) bir adamdan başga adama nähili edip geçýärkä?

**J.** Jynsy gatnaşyklar arkaly geçýän keseller (JGGK) dürli ýollar bilen geçip biler:

- Jynsy gatnaşyk mahalynda (waginal, anal we oral görnüşleriniň hemmesinde) we hatda içiňe girer derejede aragatnaşyk bolmadyk ýagdaýlarynda hem.
- Mörjew (infeksiýa) ýokuşan adam bilen sanjym iňňelerniň alyş-çalyş edilip ulanylmagy arkaly.
- Jynsy gatnaşyklar arkaly geçýän keselleriň(JGGK) haýsy-da bolsa birinden ejir çekýän göwreli aýal göwresindäki çagasyna keselini ýokuşdyryp biler, çünki göwredäki çagasy enesiniň gany bilen aragatnaşykda, ýa-da wlagalişşesine ýanaşykda bolýar.
- Ene süýdi bilen iýmitlendirmek arkaly, hususan hem AIW infeksiýasy bar ýagdaýynda.

## S. Jynsy gatnaşyklar arkaly geçýän keselleriň (JGGK) görnüşleri.

J. Jynsy gatnaşyklar arkaly geçýän keselleri (JGGK) iki kategoriýa bölmek bolýar:

- **Bejerip bolýan ( JGGK) görnüşleri:**

  Mysal üçin, sözenek, hlamidioz we gonoreýa kesellerini lukmançylyk önümleri, dermanlary bilen bejerip bolýar we ol kesellerden saplanyp bolýar; emma welin bu keseller wagtynda anyklanylyp, degişli bejergi geçirilmedik bolsa, olar örän howply bolup bilerler. Şu keselleriň käbirleri öwezini dolduryp bolmajak derejede zyýan ýetirip bilerler, ýagny önelgesizlige eltip biler,

erkeklik tohumlygyna zeper ýetirip biler, emýän çagalarda pnewmoniýa we başga-da keselleriň peýda bolmagyna, käbir adatdan daşary halatlarda bolsa ölüme hem alyp baryp biler.

- **Jynsy gatnaşyklar arkaly geçýän keselleriň (JGGK) bejerip bolmaýan görnüşleri:**

  Mysal üçin, AIW we genital gerpes. Bu keselleriň döremegine infeksiýalar sebäp bolýar. Bu keselleriň bejerilip bolmaýanlygyna garamazdan, olaryň lukmançylyk önümleridir dermanlarynyň kömegi bilen ýeňilleşdirilmegi we alamatlarynyň gowşadylmagy arkaly dolandyrylma mümkinçilikleri bar.

**S. Jynsy gatnaşyklar arkaly geçýän keselleriň (JGGK) nähili alamatlary (simptomlary) barka?**

**J.** JGGK käbirleriniň mese-mälim alamatlary ýok. Şeýle-de bolsa olaryň birnäçesiniň özlerine mahsus aýratyn alamatlary bar. Eger-de özüňizde, ýa-da jynsy gatnaşyk saklaýan taýyňyzda (partnýoruňyzda) aşakda sanalyp geçilen alamatlaryň haýsy-da bolsa birini görseňiz, dessine öz lukmanyňyza ýüz tutuň!

## ERKEK KIŞILER

• Jyns agzasynyň özünde, ýa-da onuň töwerelerinde bar bolan uly-kiçi ýaralar, örgünler,düwürtikler hem gabarçyklar;
• Jyns agzasyndan çykýan zatlar;
• Buşukma mahalynda peýda bolýan agyry we awuşatma;
• Jynsy gatnaşyk mahalynda peýda bolýan agyry;
• Ýumurtgalaryň agyrmasy we çişmesi;
• Jyns organlarynda adaty ýagdaýda bolmaýan çişler we täze dörän çişler.

## AÝALLAR

- Jyns agzasynyň (wlagalişşeniň) özünde, ýa-da onuň töwerelerinde bar bolan uly-kiçi ýaralar, örgünler, düwürtikler hem gabarçyklar;

- Jyns agzasyndan çykýan, goýy, gijilewük döredýän we adaty bolmadyk ysy hem reňki bolan zatlar;
- Garnyň aşagynda peýda bolan agyry;
- Buşukma mahalynda peýda bolýan agyry we awuşatma;
- Jynsy gatnaşyk mahalynda peýda bolýan agyry;
- Jynsy agzadan ganyň adaty bolmadyk ýagdaýda we kadasyz çykmagy;
- Uýat ýerlerinde (genetaliýada) peýda bolýan gijilewük;
- Jyns organlarynda adaty ýagdaýda bolmaýan çişler we täze dörän çişler.

## S. Jynsy gatnaşyklar arkaly geçýän keselleriň (JGGK) howpundan nädip gutulyp bolar?

**J.** JGGK, şol sanda AIW howpundan saklanmagyň 3 ýoly bar:

1 Jynsy gatnaşyklara baş goşmakdan saklanmak.

2 Her gezek jynsy gatnaşyga (waginal, oral we anal görnüşleriniň haýsysyna bolsa-da) baş goşulan mahalynda, ýagny onuň başyndan aýagyna çenli elmydama erkek kişiler ýa-da aýallar üçin niýetlenen prezerwatiwden peýdalanmak we dogry ulanmak.

3 Jynsy gatnaşyklara baş goşmazdan öň taýyňyz (partnýoruňyz) bilen bilelikde özüňizde JGGK-nyň, şol sanda AIW-iň barlygyny, ýada ýoklugyny anyklamak, ýagny ýörite lukmançylyk barlaglarynda geçmek. Goralmazlyk ýagdaýda jynsy gatnaşygyň iň soňky gezek haçan bolup geçenligi bilen baglylykda siz AIW-e degişlilikde goşmaça bir barlagdan geçmeli bolarsyňyz. Bu sizde AIW infeksiýasynyň ýokdugyny anyklamak maksady bilen geçirilýär.

## HUKUKLARYŇ BARADA GÜRRÜŇ EDELI!

### Reproduktiw saglygyna hukuklar – bu näme?

Bu adamyň aýrylmaz hukugydyr – näçe çaga etmegi, nähili ýygylykda we haçan etmegi özüniň meýletin çözmegi üçin hukugydyr. Şeýle hem bu hukuga eýelik etmek üçin saglygy goraýşyň gowy hilli maglumatlary we berilýän hyzmatlary bilmeli – özüniň maşgalasyny meýilleşdirmek üçin we öz saglygy babatda sowatly çözgütleri kabul etmek üçin bilmeli.

Sagdyn bolmak, sagdyn maşgala gurmak üçin adamyň aýrylmaz hukugydyr.

- Kim bilen we haçan durmuş gurmaly?
- Näçe çaga isleýäris?
- Nähili ýygylykda we haçan?

Sowatly çözgüt etmek üçin – gowy hilli maglumatlary almak hem maşgalalaryň hukugydyr.

### Her bir maşgalanyň şu aşakdakylar barada bilmäge hukugy bardyr:

- Dogrumlaryň arasynda 2-2,5 ýyl bolmagy zenanyň saglygyny dikeltmäge, özüniň we indiki çagalarynyň saglygyny saklamaga mümkinçilik berer.
- Kontrasepsiýa usulyny ulanmazdan öň hünärmene ýüz tutmak maslahat berilýär.
- Kontrasepsiýanyň häzirki zaman usullaryny ulanyp, islenilmedik göwreliligiň öňüni almak bolýar.
- Jyns ýollary arkaly geçýän ýokançlardan goramak we islenilmeýän göwreliligiň öňüni almak üçin bökdenç (goraýyş) usulyny ulanmak yerlikli bolar.

### Türkmenistanda reproduktiw saglygy ugrunda hödürlenilýän hyzmatlar

Türkmenistanyň ähli welaýatlarynda aýallaryň we erkekleriň reproduktiw saglygy merkezleriniň we otaglarynyň 95 sanysy hereket edýär. Olara är-aýal jübütleri we şahsy adamlar şu aşakdaky hyzmatlar üçin ýüz tutup bilýärler:

- Maşgalany meýilleşdirmek we özüňiz üçin gabat gelýän kontrasepsiýa usulyýetini saýlamak
- Ýatgynyň boýunjygynyň howply täze döreme keselleriniň öňüni almak
- Jyns ýollary arkaly geçýän ýokançlaryň öňüni almak we bejermek
- Ýetginjekleriň reproduktiw saglygy
- Andrologiýa – erkekleriň reproduktiw saglygy
- Aýbaşy sikliniň bozulmasy
- Önelgesizlik

Howply topara degişli aýallar, şeýle hem sagdyn göwreliligi meýilleşdirmek üçin kontrasepsiýanyň maslahat berilýän usulyýetlerini alyp bilerler.

**Sizde bu ýagdaýlar bar bolsa, siz howply topara degişli:**

- Ýokanç keselleri (inçekesel, AIW keseli, wirusly gepatit)
- Howply täze döremeler (süýt mäzleriniň we ýatgy boýunjagazynyň)
- Ganazlyk 3-nji dereje
- Endokrin ulgamynyň keselleri (galkan şekilli mäziň keselleri, süýji kesel, semizlik 3-nji dereje)
- Ýürek-damar ulgamynyň keselleri (gan basyşynyň ýokarlanmagy)
- Aşaky dem alyş ýollarynyň hroniki keselleri (dem gysma)
- 15-19 ýaşly zenanlar
- 8 we ondan köp çaga dogran zenanlar
- Başga keseller (maşgala hem-de reproduktolog lukman tarapyndan tassyklanan keseller we ýagdaýlar)

**Edebiýat:**

Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasy (UNFPA).

***Näme etmelidigimi men bilýärin!***

## Ýurt boýunça Anonim barlag we bejeriş otaglary (ABBO) barada maglumat

### Aşgabat şäheri boýunça ÝKMM-ň Merkezi deri-wenerologiýa hassahanasy

- SÖ №1. ş.Aşgabat, Parahat 1, j 2, tel.: 73-87-16
- Talyplar SÖ. ş.Aşgabat, köçe Görogly jaý 84, tel: 73-87-16
- ÝKMM-ň MDWH-sy. ş.Aşgabat, Çoganly ý/t, k. O.Annaýew jaý 79, tel.: 73-87-16
- SÖ №3. ş.Aşgabat, köçe Hoja Ahmet Ýasawy jaý 109, tel.:73-87-16
- SÖ №2. ş.Aşgabat, köçe Bilim jaý 7, tel.:73-87-16
- Welaýat DWH-sy. ş.Aşgabat, Büzmeýin etraby, Abadan şaýoly j 259, tel.:33-44-26

### Balkan welaýaty boýunça

- Welaýat DWH-sy. Balkanabat şäheri 144-nji ýaşaýyş jaýlar toplumy, Baýram şahyr köçesi, 13-nji jaý, tel.: 865-15-16-133
- ş.Türkmenbaşy Köpugurly hassahananyň deri-wenerolo-giýa bölümi. Türkmenbaşy şäheri Mirişew köçesi, 23-nji jaý, tel.: 5-03-63
- Serdar şäher hassahanasy-nyň deri-wenerologiýa bölümi. ş.Serdar, k. Şirgeldi Paltaýew 3-nji jaý, tel.: 5-09-56

### Daşoguz welaýaty boýunça

- Welaýat DWH-sy. ş.Daşoguz köçe Gurbansoltan eje j 1, tel.:865965892

### Lebap welaýaty boýunça

- ş.Türkmenabat, merkez. köçe Magtymguly jaý 74, tel.: 9-91-21
- ş.Türkmenabat, merkez. şaýoly S.Niýazow jaý 30, tel.:2-50-09

### Mary welaýaty boýunça

- Mary şäheriniň merkezinde. ş.Mary k.Mollanepes, 60-njy jaý, tel.: 864972272, 5-19-01
- Welaýat DWH-sy. Ş.Mary Ýunus Emre köçesiniň 5-nji jaýy, tel.: 864304692, 5 19 01

MAŞGALANY MEÝILLEŞDIRMEK MESELELERINDE

# HAKYKY ERKEK BOL

## ÖZÜŇ WE ÖZÜŇE ÝAKYN BOLAN ADAM BARADA ALADA ET!

**Has jikme-jik maglumat almak isleseňiz, reproduktiw saglyk merkezlerine ýüz tutuň. Ol ýerde siz maşgalany meýilleşdirmek meseleleri boýunça maslahat alyp bilersiňiz:**

- Milli merkez: Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş YKM, Aşgabat şäheriniň Görogly köçesiniň 80-nji jaýy; tel.: 36 82 01; 36 82 06; 36 82 17; 36 92 03; 36 82 08; 36 97 11
- Çagalar üçin şäher hassahanasynda; Aşgabat şäheriniň Garaja Burunow köçesiniň 29-njy jaýy; tel.: 92 72 14
- Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş welaýat hassahanasy, Ahal welaýaty, Aşgabat şäheri, etr. Büzmeýin, Arkadag köçesiniň 15-nji "A" jaýy; tel.: 33 53 44
- Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş welaýat hassahanasy, Balkan welaýaty, Balkanabat şäheri, kwartal 189, hassahana şäherçesi; tel.: 5 97 20; 5 97 24
- Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş welaýat hassahanasy, Daşoguz welaýaty, Daşoguz şäheri, Aşgabat köçesiniň 2/3-nji jaýy; tel.: 2 22 34
- Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş welaýat hassahanasy, Lebap welaýaty, Türkmenabat şäheri, Mollanepes köçesiniň 44-nji jaýy; tel.: 9 14 42
- Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş welaýat hassahanasy, Mary welaýaty, Mary şäheri, Bitaraplyk köçesiniň 32-nji jaýy; tel.: 5 25 66

UNFPA